**Meliorasiýa** – bu, oba hojalyk ekinleriniň hasyllylygyny ýokarlandyrmak maksady bilen geçirilýän, topragy gowylandyryş çäreleriniň toplumydyr.

**“Meliorasiýa”** – sözi latyn sözünden gelip çykyp, terjime edilende – gowylandyrmak diýen manyny aňladýar.

Oba hojalyk meliorasiýasynyň esasy görnüşlerine – gar, suw, himiki, toprak, klimat, we fitomeliorasiýa degişlidir.

***Gar meliorasiýasy*** – güýzlik ekinleri aýazdan goramakda gar örtüginiň ähmiýeti örän uludyr. Güýzlük ekinler üçin amatly şertleri döretmek we suw ätiýaçlygyny gowylandyrmak üçin, ekin meýdanlaryndaky garyň galyňlygyny gar meliorasiýasynyň kömegi bilen düzgüne salmak amatlydyr. Gar meliorasiýasynyň esasy görnüşlerine gar saklamak degişlidir.
Gar saklamak üçin, esasan aşakdaky usullar ulanylýar:
-tokaý zolaklary döredilýär, olar ýeliň tizligini peseltmäge ýardam edýär, ol bolsa öz gezeginde ekin meýdanlaryndaky gary köwsarlamadan goraýar we ätiýaç suw saklamaga mümkinçilik döredýär;
– uzyn baldakly ekinler – günebakar, mekgejöwen, sudan oty we ş.m. ekilýär;
– gar saklaýjy germewler ulanylýar, ol ýeliň esasy öwüsýän ugruna perpendikulýar edip ýerleşdirilýär;
– gar sürümi geçirilýär.

***Suw meliorasiýasy*** – suwaryş, suwlulandyryş we guradyş çäreleri arkaly ýerleriň melioratiw ýagdaýyny gowylandyrmaga gönükdirilendir. Has giň ýaýrany suwaryşdyr. Oba hojalyk ekinlerine suw ýetmezçilik edýän ýerlerde ulanylýar. Suwaryş  yzygiderli  we bir gezeklik görnüşlere bölünýär. Yzygider suwaryş  topragy oba hojalyk ekinleriniň ösüş döwrüniň bütin dowamynda  yzgarlandyrmaga mümkinçilik berýär.

Bir gezek suwaryş görnüşinde bolsa, toprak ýylyň dowamynda diňe bir gezek bassyryp suwarmak arkaly yzgarlandyrylýar. Munuň üçin erän gar suwlary, baharda ýagýan ýagyşlary ýa-da derýalaryň joşan suwlary ulanylýar.

Aşa yzgarly we batgalaşan ýerler, zeýkeş ulgamlaryny gurmak arkaly guradylyp, ýerleriň melioratiw ýagdaýy gowylandyrylýar.

***Himiki meliorasiýa*** – organiki we mineral dökünler arkaly topragyň hasyllygyny ýokarlandyrmaga gönükdirilendir. Şorlaşan ýerlerde topragyň kislotalyk derejesini peseltmek üçin hekleme işleri amala aşyrylýar we hapa haşal otlara garşy gerbisidler ulanylýar.

Все права защищены

save pdf date >>> 29.12.2024

***Toprak meliorasiýasy*** – ýel we suw erroziýasyna garşy göreşmek, şeýle hem toprak bejergi işleriniň netijesinde topragyň hasyllygyny ýokarlandyrmaga gönükdirlendir. Ýel erroziýasyna garşy tokaý zolaklary döredilýär, eňňitligi uly ýerler suw erroziýasyna sezewar bolmazlygy üçin suwarymly ýerler düýpli tekizlenýär şeýle hem toprakdaky harsaň daşlar, töňňeler aýrylýar, toprakda çuň sürüm işleri geçirilýär.

***Klimat meliorasiýasy*** – oba hojalyk ekinlerine klimatyň ýetirýän täsirine  ýagny aýaza, epgege we tüweleýlere garşy göreşmek çäreleri degişlidir. Aýazyň garşysyna göreşmekde esasy ulanylýan usullara tüsse etmek, ekinleriň arasynda ot ýakmak, ösümlikleriň üstüni ýapmak, ekinleri aýazda suwarmak we başgalar degişlidir.

Gurakçylyga we epgege garşy göreşmek üçin ulanylýan usullara  topragy bejermek, suwarmanyň hemme görnüşleri, gar saklamak, ereýän gar suwlaryny toplamak, ekin meýdanlarynyň daşyna agaç ekmek, ekiniň ekilýän wagtyny üýtgetmek, ekiniň üstüni örtmek we ş.m. degişlidir.

Tüweleýleriň garşysyna göreşmekde iň netijeli usullaryň biri ýeliň güýjini peseltmäge gönükdirilen çärelerdir. Olara ýeliň tizligini peseldýän, gözenek görnüşinde ekilen tokaý zolaklary we ýelden goraýan desgalary gurmak degişlidir.

***Fitomeliorasiýa*** – ösümlikleriň kök ulgamy arkaly topragyň hasyllylygyny ýokarlandyrmaga gönükdirilen çäreleriň toplumydyr. Mysal üçin ýorunja ekin meýdanlary topragy gurplandyrýar, tokaý zolaklaryny döretmek arkaly ýerasty suwlaryň derejesi peseldilýär, bu bolsa topragyň şorlaşma derejesini peseldýär, bu bolsa oba hojalyk ekinleriniň hasyllygyny ýokarlandyrýar.

**Amanmät AGAMEDOW**
**Türkmen oba hojalyk institutynyň**
**Daşoguz agrosenagat orta hünär okuw**
**mekdebiniň mugallymy**

Все права защищены
save pdf date >>> 29.12.2024